Türkmenistan ýurdumyzyň alyp barýan içerki we daşarky syýasaty şu günlerki Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Watanymyzyň mundan beýläk-de gülläp ösmegine ägirt uly itergi berýär. Ykdysadyýetimiziň ähli pudaklary pajarlap ösýär, ylymda we bilimde düýpli özgerişler dowam edýär. Bilim edaralary häzirki zaman ösen tehniki serişdeler, şol sanda kompýuterler bilen doly abzallaşdyrylýar.

Komýuter tehnikasy hemişe kämilleşýär. Şol bir wagtyň özünde informasiýalary tehniki toplamagyň, gaýtadan işlemegiň we beýan etmegiň usullary hem ösýär, özgerýär. Soňa görä-de informatika ösýän ylymdyr.

**Informatika** – informasiýa baradaky ylymdyr. Informasiýa adalgasy latyn “informatio” diýen sözünden gelip çykandyr we maglumat, düşündirmek, beýan etmek diýmegi aňladýar. Türkmenistanda Internet torunyň ösüşini düzgünleşdirmek-döwlet tarapyndan Türkmenistanda Internet toruny ösdürmegiň ýörelgelerini, hukuk kadalaryny, guramaçylyk düzgünlerini we tehniki amallaryny işläp taýýarlamak we ulanmak, olaryň binýadynda ýurtda internet-hyzmatlaryny hödürlemek amala aşyrylýar.



Emeli aň kompýuter ylmynyň bir bölegi bolup, awtomatlara akylly şekilde pikirlenmegi we özüni alyp barmagy öwretmek boýunça ylymdyr. Özbaşdak öwrenip bolýan programmalaryň döremegi we ösmegi bilen, emele gelýän täze ugurlaryň hatarynda emeli aň ösüşiň öňdäki

Все права защищены

hataryndadyr.
Emeli aň häzirki we geljekki maglumatlary ýygnamak we gaýtadan işlemek ses, ýüz tanamak, el ýazgylary tanamak boýunça köp sanly gündelik işleri alyp barmaga ukyplydyr. Internetde maglumat gözlemek, maglumatlar toplumyny seljermek, çylşyrymly modelleri görmek bularyň hemmesi emeli aň arkaly amala aşyrylar. Ol wideo oýunlarynda hem giňden ulanylýar. Mysal üçin, küşt programmalarynda.

**Ogulmaral KAKABAÝEWA**
**Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky**
**Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň mugallymy**

Все права защищены